Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2012-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda 665 san bilen bellige alyndy

Türkmenistanyň Maliýe ministriniň 2012-nji ýylyň 10-njy awgustyndaky № 93-Ö buýrugy bilen tassyklandy

## Döwlet býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň milli standarty 16

## „PULLARYŇ ÇALŞYK HÜMMETINIŇ ÜÝTGEMELERINIŇ TÄSIRI“

**Mazmuny** **Bölümleriň №**


Umumy düzgünler........................................................................1-5
Kesgitlemeler ...........................................................................6-8
Daşary ýurt pulundaky amallary hasaba almak ..............................9-17
Hümmet tapawudyny ykrar etmek...................................................18-23
Maglumaty açmak .......................................................................24-25
Güýje girýän senesi .....................................................................26


## UMUMY DÜZGÜNLER

1. Şu standartyň maksady daşary ýurt pulundaky amallary we daşary ýurtdaky işi edaranyň maliýe hasabatlylygyna nähili goşmalydygyny görkezmek bolup durýar.

2. Daşary ýurt pulundaky amallary we daşary ýurtdaky işi hasaba almak boýunça esasy meseleler haýsy çalşyk hümmetini peýdalanmalydygyny we maliýe hasabatlylygynda çalşyk hümmetiniň üýtgemeleriniň maliýe ýagdaýyny nähili ykrar etmelidigini kesgitlemekden ybaratdyr.

3. Şu standart aşakdaky ýagdaýlarda ulanylýar:

a) daşary ýurt pulundaky amallary we galyndylary hasaba almakda, maliýe gurallaryny ykrar etmek hem-de olara baha bermek babatynda maliýe hasabatlylygynyň degişli halkara we milli standartlarynyň täsirine düşýän, döredilen maliýe gurallary we galyndylary bilen geçirilýän amallar muňa girmeýär;

b) birleşdirmek usuly bilen edaranyň maliýe hasabatlylygyna goşulan, daşary ýurtdaky işiň netijeleri we maliýe ýagdaýy barada maliýe hasabatlylygy gaýtadan hasaplananda;

ç) edaranyň maliýe netijeleri we maliýe ýagdaýy hasabatyň görkezilen puluna gaýtadan hasaplananda.

4. Şu standart daşary ýurtdaky işe arassa maýa goýumlary hejirlemegi goşmak bilen, daşary ýurt pulundaky maddalar hejirlenende hasaba alnyşa täsir etmeýär. Degişlilikde, edaranyň hejirleme geçirilende maliýe hasabatlylygynyň degişli halkara we milli standartlaryny ulanmaga haky bardyr.

5. Şu standart daşary ýurt pulundaky geleşiklerden we daşary ýurtdaky iş hakynda maliýe hasabatlylygyny gaýtadan hasaplamakdan ýüze çykýan jemi

girdejini hem-de çykdajylary görkezmegiň tertibini kesgitleýär. Ol pul serişdeleriniň hereketi barada hasabatlylykda daşary ýurt pulundaky geleşikleriň netijesinde emele gelen pul akymlaryny hasabatlylykda görkezmegiň we daşary ýurtdaky işiň netijesinde emele gelen pul akymlaryny geçirmegiň tertibini kesgitlemeýär.

## KESGITLEMELER

6. Şu standartda aşakdaky adalgalar peýdalanylýar:

**Ahyrky hümmeti –** hasabat senesindäki ýagdaýyna görä gündelik çalşyk hümmeti.

**Hümmet tapawudy –** pullaryň dürli çalşyk hümmetini peýdalanmak bilen, bir puldaky birlikleriň belli bir möbçeri beýleki pula geçirilende ýüze çykýan tapawut.

**Pullaryň çalşyk hümmeti –** çalşylan mahalynda bir puluň beýleki pula bolan gatnaşygy.

**Daşary ýurt puly –** edaranyň ulanýan pulundan başga islendik pul.

**Daşary ýurtdaky iş –** işi hasabat berýän guramanyň ýurdundan ýa-da pulundan başga ýurtda we pulda esaslandyrylan ýa-da amala aşyrylýan, hasabat berýän edara tarapyndan gözegçilik edilýän ýa-da onuň şahamçasy bolup duran edara.

**Ulanylýan pul –** guramanyň öz işini amala aşyrýan esasy ykdysady gurşawynda peýdalanylýan pul.

**Pul maddalary –** nagt bar bolan pul birlikleri, şeýle hem pul birlikleriniň kesgitli ýa-da kesgitlenilýän möçberinde aňladylan, alynmaga ýa tölenmäge degişli aktiwler we borçnamalar.

**Hasabatyň berilýän puly –** maliýe hasabatlylygynyň berilýän puly.

**Gündelik çalşyk hümmeti –** haýal etmän iberilen mahalynda pullaryň çalşyk hümmeti.

7. Edaranyň öz işini amala aşyrýan esasy ykdysady gurşawy, düzgün bolşy ýaly, onuň öz pul serişdeleriniň esasy bölegini, ýagny, zähmet, maddy harajatlara we harytlary ýa-da hyzmatlary ibermek bilen baglanyşykly beýleki harajatlara esasy täsir edýän puly emele getirýän we sarp edýän gurşawy bolup durýar (köplenç ýagdaýda şu hili harajatlaryň görkezilýän we üzülýän puly şunuň ýaly pul bolup durýar).

8. Edaranyň ulanýan puly esasy emele getirýän amallary, wakalary we şertleri görkezýär. Umuman alnanda, degişli işde, wakalarda we şertlerde üýtgemeler ýok bolsa, ulanylýan pul kesgitlenenden soň üýtgemeýär.

## DAŞARY ÝURT PULUNDAKY AMALLARY HASABA ALMAK

9. Daşary ýurt pulundaky amal – bu daşary ýurt pulunda görkezilen ýa-da amallary goşmak bilen, daşary ýurt pulunda düzgünleşdirilmäge degişli geleşikdir, bu edaranyň:

a) bahalary daşary ýurt pulunda görkezilen harytlary ýa-da hyzmatlary alanda ýa ýerlände;

b) üzülmäge ýa-da alynmaga degişli pul möçberi daşary ýurt pulunda bellenen bolsa, karz serişdeleri berende ýa alanda;

ç) haýsydyr bir görnüşde daşary ýurt pulunda görkezilen aktiwleri alanda ýa-da ýerlände, ýa borçnamalar kabul edilende ýa-da üzende bolup geçýän geleşiklerdir.

10. Ilkibaşda ulanylýan pulda ykrar edilende, daşary ýurt pulundaky amal, daşary ýurt pulundaky möçbere degişlilikde amalyň geçirilen senesindäki ýagdaýa görä ulanylýan puluň daşary ýurt puluna çalşyk hümmetini ulanmak bilen, ulanylýan pulda hasaba alynýar.

11. Maliýe hasabatlylygynyň milli standartlaryna laýyklykda, amallary ykrar etmegiň ölçegleriniň birinji gezek ýerine ýetirilen senesi amalyň geçirilen senesi bolup durýar. Iş ýüzünde köplenç halatda amalyň senesindäki ýagdaýa görä hakyky hümmete takmynan deň bolan çalşyk hümmeti ulanylýar: mysal üçin, bir hepdäniň ýa-da bir aýyň ortaça hümmeti degişli döwrüň dowamynda daşary ýurt pulunda amala aşyrylan ähli amallar babatynda ulanylyp bilner. Emma, eger pullaryň çalşyk hümmeti düýpli üýtgeýän bolsa, şol döwrüň ortaça hümmetini ulanmak maksada laýyk däldir.

12. Her hasabat senesindäki ýagdaýa görä:

a) daşary ýurt pulundaky pul maddalary ahyrky hümmeti peýdalanmak bilen gaýtadan hasaplanmalydyr;

b) taryhy gymmaty boýunça hasaba alnan daşary ýurt pulundaky pul maddalary amalyň geçirilen senesindäki ýagdaýa görä çalşyk hümmeti boýunça gaýtadan hasaplanmalydyr; we

ç) adalatly gymmaty boýunça baha berlen daşary ýurt pulundaky pul däl maddalar adalatly gymmatyň kesgitlenen senesindäki ýagdaýa görä hereket eden çalşyk hümmeti boýunça gaýtadan hasaplanmalydyr.

13. Pul maddasynyň esasy häsiýetnamasy pul birlikleriniň kesgitlenen ýa-da kesgitlenilýän mukdaryny almaga hukuk (ýa bermek boýunça borçnama) bolup durýar. Durmuş üpjünçiligi boýunça borçnamalar we işgärlere pul serişdeleri bilen tölenmäge degişli beýleki kömek pullary, pul görnüşinde üzülmäge degişli ätiýaçlyk gorlary, borçnama hökmünde görkezilen pul diwidendleri muňa mysal bolup durýar.

14. Pul däl maddanyň esasy tapawutly tarapy pul birlikleriniň kesgitli ýa-da kesgitlenilýän mukdaryny almaga bolan hukugyň (ýa bermek boýunça borçnamanyň) ýokdugy bolup durýar. Harytlaryň we hyzmatlaryň töleginiň öňünden tölenmegi, gudwil, maddy däl aktiwler, ätiýaçlyklar, esasy serişdeler muňa mysal bolup durýar.

15. Maddanyň balans gymmaty döwletiň býujet edaralary üçin maliýe hasabatlylygynyň degişli milli standartlaryna laýyklykda kesgitlenilýär. Mysal üçin, esasy serişdelere "Esasy serişdeler" DBEMHMS-yna laýyklykda, adalatly

gymmaty boýunça ýa-da taryhy gymmaty boýunça baha berlip bilner. Balans gymmatynyň nähili kesgitlenýändigine, ýagny, hakyky ýa-da adalatly gymmatyndan ugur alnyp kesgitlenýändigine garamazdan, pul maddalary üçin şunuň ýaly görnüşde alnan pul möçberleri soňra şol standarta laýyklykda, ulanylýan pulda berilýär.

16. Käbir maddalaryň balans gymmaty iki ýa-da ondan köp ululygy deňeşdirmek ýoly bilen kesgitlenýär. Mysal üçin, ýerlemek üçin ätiýaçlyklaryň balans gymmaty iki ululygyň, ýagny, "Ätiýaçlyklar" DBEMHMS-yna laýyklykda, özüne düşýän gymmatyň ýa-da mümkin bolan ýerlemegiň arassa gymmatynyň iň pes derejesi bolup durýar. Edil şonuň ýaly, "Pul däl serişdeleri emele getirýän aktiwleriň gymmatynyň gaçmagy" DBEMHMS-yna laýyklykda, ol babatda gymmaty gaçma alamatlary bar bolan aktiwiň balans gymmaty, gymmaty gaçmakdan çekilmegi mümkin bolan ýitgiler hasaba alynmazyndan öňki onuň balans gymmatynyň ýa-da öwezi dolunýan gymmatynyň iň pes derejesi bolup durýar. Şunuň ýaly aktiw pul däl aktiw bolup durýan we oňa daşary ýurt pulunda baha berilýän mahalynda, onuň balans gymmaty şulary deňeşdirmek ýoly bilen kesgitlenilýär:

a) özüne düşýän gymmatyny ýa-da bu ululygyň kesgitlenen senesindäki ýagdaýa görä pullaryň çalşyk hümmeti boýunça (ýagny, taryhy gymmaty boýunça baha berilýän madda üçin bu amalyň senesindäki ýagdaýa görä hümmeti boýunça) gaýtadan hasaplanan balans gymmatyny;

b) bu gymmatyň kesgitlenen senesindäki ýagdaýa görä pullaryň çalşyk hümmeti boýunça (mysal üçin, hasabat senesindäki ýagdaýa görä ahyrky hümmeti boýunça) gaýtadan hasaplanan öwezi dolunýan gymmatyny.

Şunuň ýaly deňeşdirmegiň netijesi gymmaty gaçmakdan çekilen ýitgini ulanylýan pulda ykrar etmek bilen aňladylyp bilner, ýöne daşary ýurt pulunda ykrar edilmez ýa-da tersine bolup biler.

17. Pullaryň birnäçe çalşyk hümmetleri bar bolanda, eger-de pul serişdeleriniň akymlary gymmatyň kesgitlenýän senesinde ýüze çykýan bolsa, onda olaryň şu amalyň pul akymlary boýunça hasaplaşyklaryň ýa-da hasap boýunça tapawudyň hasaplamalarynyň geçirilip bilinjek hümmeti peýdalanylýar. Eger bir puly beýleki pula çalyşmak wagtlaýynça mümkin bolmasa, onda ol boýunça çalyşygyň ýerine ýetirilip bilinjek birinji hümmeti ulanylmalydyr.

## HÜMMET TAPAWUDYNY YKRAR ETMEK

18. Pul däl maddalar boýunça hasaplaşyklarda ýa-da döwrüň dowamynda, ýa geçen maliýe hasabatlylygynda ilkibaşda pul däl maddalar ykrar edilende olaryň gaýtadan hasaplanan hümmetlerinden tapawutlanýan hümmetler boýunça gaýtadan hasaplananda ýüze çykýan hümmet tapawutlary olaryň ýüze çykan döwründe artyk gelen möçberde (profisitde) ýa-da ýetmezçilikde ykrar edilýär.

19. Hümmet tapawudy amalyň geçirilen senesi bilen daşary ýurt pulundaky amallar boýunça pul maddalarynyň üzülýän senesiniň arasyndaky döwürde çalşyk hümmetiniň üýtgemeginiň netijesinde ýüze çykýar. Amalyň we ol boýunça hasaplaşyklaryň şol bir hasaba alyş döwründe amala aşyrylýan ýagdaýynda, ähli

hümmet tapawudy şol döwürde ykrar edilýär. Emma, amal boýunça hasaplaşyklaryň onuň geçirilen döwründen soňky hasaba alyş döwründe geçirilýän mahalynda hasaplaşyk döwrüne çenli her bir aralyk döwürde ykrar edilýän hümmet tapawudy şol döwrüň dowamynda puluň hümmetiniň üýtgeýşi bilen kesgitlenýär.

20. Pul däl madda boýunça peýdanyň ýa-da ýitginiň gönüden-göni aktiwlerde/passiwlerde ykrar edilýän mahalynda, şunuň ýaly peýdanyň ýa-da ýitginiň islendik pul bölegi gönüden-göni arassa aktiwlerde/maýada ykrar edilmelidir.

## Hasabatyň tabşyrylýan puluna gaýtadan hasaplamak

21. Hasabatyň berilýän puly edaranyň ulanýan pulundan tapawutlanýan bolsa, onda ol öz netijelerini we maliýe ýagdaýyny hasabatyň berilýän puluna gaýtadan hasaplaýar.

22. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, maliýe hasabatlylygynyň berilýän puly milli pul bolup durýar.

23. Edaranyň netijeleri we maliýe görkezijileri şu aşakdaky düzgünleri peýdalanmak bilen hasabatyň berilýän beýleki puluna gaýtadan hasaplanmalydyr:

a) maliýe ýagdaýy barada berlen her bir hasabat boýunça aktiwler we borçnamalar (ýagny, deňeşdirilýän maglumatlary goşmak bilen) maliýe ýagdaýy barada şu hasabatyň berlen senesindäki ýagdaýa görä, ahyrky hümmeti boýunça gaýtadan hasaplanmaga degişlidir;

b) girdejiler we çykdajylar barada her bir hasabat boýunça jemi girdejiler we çykdajylar (ýagny, deňeşdirilýän maglumatlary goşmak bilen) amallaryň geçirilen senesindäki ýagdaýa görä hümmet boýunça gaýtadan hasaplanmaga degişlidir; we

ç) ýüze çykýan ähli hümmet tapawutlary arassa aktiwleriň/maýanyň aýratyn düzüm bölegi hökmünde ykrar edilmäge degişlidir.

## MAGLUMATY AÇMAK

24. Edara şulary açmalydyr:

a) profisitde ýa-da defisitde ykrar edilen hümmet tapawutlarynyň pul möçberini, maliýe hasabatlylygynyň maliýe gurallarynyň ykrar edilişini we olara baha berlişini tertipleşdirýän degişli halkara ýa-da milli standartlaryna laýyklykda, peýdanyň ýa ýitginiň üstünden adalatly gymmaty boýunça baha berlen maliýe gurallary boýunça ýüze çykan hümmet tapawutlary muňa girmeýär; we

b) arassa aktiwleriň/maýanyň aýratyn düzüm bölegindе ykrar edilen arassa hümmet tapawutlaryny we şunuň ýaly hümmet tapawutlarynyň döwrüň başyndaky hem-de ahyryndaky pul möçberleriniň deňeşdirmesini.

25. Hasabatyň berilýän pulunyň ulanylýan puldan tapawutlanýan mahalynda bu ýagdaý, ulanylýan pul ýaly görkezilmäge degişlidir, şeýle hem näme sebäbe görä başga puluň peýdalanylýandygynyň sebäbi görkezilmelidir.

## GÜÝJE GIRÝÄN SENESI

26. Maliýe hasabatlylygynyň şu standarty 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan güýje girýär.

## Goşundy

Şu standart jemgyýetçilik bölegi üçin maliýe hasabatlylygynyň halkara standarty 4 "Pullaryň çalşyk hümmetiniň üýtgemeleriniň täsiri" (IPSAS 2007) laýyklykda işlenip taýýarlandy, şular muňa girmeýär:

käbir bölümlere olaryň has-da düşnükli bolmagy üçin düzediş girizildi;

jebislendirmek, deň ölçegli jebislendirmek usullary ýa-da paýly gatnaşmak boýunça hasaba alyş usullary bilen edaranyň maliýe hasabatlylygyna goşulmaga degişli bolan, daşary ýurtdaky işiň netijelerini we maliýe ýagdaýyny gaýtadan hasaplamaga degişli düzgünler aýryldy;

ulanylýan pul üýtgände standartyň ulanylmagyna degişli düzgünler aýryldy;

hümmetsizlenmegiň örän ýokary derejesi bolan ykdysadyýetiň puly bolup duran ulanylýan puly gaýtadan hasaplamaga degişli düzgünler aýryldy;

ýokarda görkezilen aýyrmalar bilen baglanyşykly, maglumatlary açmaga bildirilýän käbir talaplar aýryldy;

maliýe hasabatynyň berilýän puluny kesgitleýän bölüm aýryldy.